# Altyn güýz

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Altyn güýz ALTYN GÜÝZ

Bulutlary saýyp, kowýar güýz ýeli,
Derek ýapraklary gaýyşyp gaçýar.
Solup barýar iñ soñkuja güýz güli,
Bak, durnalar yssy ýerlere göçýär.

Horazyñ täji dek säher şapagy,
Ne ajap giñ asman gök setin geýnip.
Baglar ýapynan dek altyn gapagy,
Gökde uçýar düşdüş kerebi süýnüp.

Atyzlarda «ak altynyñ» öwşüni,
Gaýnaýar, möwç urýar zähmet joşguny.
Meýdanda ýañ salýar kolhoz maşyny,
Egsilmezdir güýz paslynyñ daşgyny.

Ne ajaýyp, hoştap, tämiz güýz güni,
Ol aýdym getirdi bize meýdandan.
Göýä göwünlere bahar-ýaz güni,
Eşdilende durna sesi asmandan.

Goý, guşlar sürüsi göçüşibersin,
Bolmaz ýüregimde gaýgy-gam, dagym.
Altyn güýz, duýýaryn señ sahawatyñ,
Hatda salkyn üzüm ýolanja çagym.

I.ŞEMARYKIN.

Terjime eden Nury BAÝRAMOW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 1958 ý. Goşgular